# Nebitdagda Kerbabaýew ýaşaýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Nebitdagda Kerbabaýew ýaşaýar NEBITDAGDA KERBABAÝEW ÝAŞAÝAR

*Nebitdagdaky B.Kerbabaýewiñ adyny göterýän köçe şäheri demir ýol wokzaly bilen birleşdirýär.*

Gündizlerne dyzyn epmän oturan,
Gijelerni çirim etmän ötüren,
Işçi sallançagny üwräp oturan,
Arkasyn daglara diräp oturan
Nebitdagym merde – medet,
Ýagşa – ýar.
Nebitdagda ýagşy adamlar ýaşaýar.
Nebitdagda Kerbabaýew ýaşaýar.

Nebitdagda Kerbabaýew ýaşaýar –
Merdanlara galkan bolan Balkan
Ile eltýän gollarynda ýaşaýar.
«Nebitdagy» bina eden ol goja
Goturdepäñ ýollarynda ýaşaýar.

Nebitdagda Kerbabaýew ýaşaýar –
Işçileriñ öýlerinde ýaşaýar.
Gujurynda, batlarynda ýaşaýar,
Añlarynda, ýatlarynda ýaşaýar,
«Nebitdagyñ» baplarynda ýaşaýar.

«Nebitdagyñ» güzerinden inenler
Togap kylar her sözbaşa, her baba.
Nebitdaga myhman geliñ adamlar,
Ilki bilen garşy alar Kerbaba,
Nebitdagda Kerbabaýew ýaşaýar!

Kasym NURBADOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 10.09.1986 ý. Goşgular